**Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2011-nji ýylyň 17-nji fewralynda 550 san bilen hasaba alyndy**

**Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdirliginiň Başlygynyň 2011-njy ýylyň 02-nji fewralyndaky №4 buýrugy bilen tassyklanyldy**

# Türkmenistanyň banklarynda içerki gözegçiligi gurnamak barada DÜZGÜNNAMA

## I .Umumy düzgünler

1. Türkmenistanyň banklarynda içerki gözegçiligiň gurnamak barada Düzgünnama (mundan beýläk – Düzgünnama) banklaryň maliýe ygtybarlylygyny üpjün etmek maksady bilen “Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda” Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda işlenip taýýarlanyldy we banklar tarapyndan içerki gözegçiligi amala aşyrmak boýunça talaplary belleýär.

2. Şu Düzgünnamanyň maksatlary üçin aşakda sanalyp geçilen adalgalar aşakdaky mana eýedirler:

banky dolandyrylýan ygtyýarly edara (bankyň Geňeşi) – bankyň işine umumy ýolbaşçylygy amala aşyrýan we gatnaşyjylaryň umumy ýygnagy ýa-da esaslandyryjy tarapyndan saýlanylýan (bellenilýän) edara;

bankyň ýerine ýetiriji edarasy (bankyň Müdiriýeti) - bankyň işine gündelik ýolbaşçylygy amala aşyrýan we bankyň ygtyýarly we ýokary dolandyryş edaralaryna hasabat berýän kollegial ýa-da ýeke-täk ýolbaşçylykly edara, olar Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan bellenilip bilner;

içerki gözegçilik – Türkmenistanyň kanunçylygynyň we bankyň içerki resminamalarynyň talaplaryna laýyklykda bank işiniň howpsuz we likwidli alnyp barylmagyny üpjün etmek maksady bilen banklar tarapyndan amala aşyrylýan işler;

içerki gözegçilik ulgamy – bank işini tertipleşdirilen we netijeli alyp barmak, töwekgelçilikleri azaltmak, harajatlary azaltmaga getirmek we aktiwleri saklamak üçin serişdeler hökmünde bank tarapyndan kabul edilen guramaçylyk gurluşyň, usulyýetleriň we amallaryň jemi;

maglumat howpsuzlygy – tötänleýin we bilkastlaýyn howplardan goragy üpjün edýän guramaçylyk çäreleriniň, enjam-programma we tehniki serişdeleriň köp derejeli toplumy, olary durmuşa geçirmegiň netijesinde işlenip taýýarlanylýan, saklanylýan ýa-da berilýän maglumatyň elýeterlilik, bütewilik, hakykylyk ýa-da ýaşyrynlyk häsiýetleriniň bozulmagy mümkin;

maglumatyň elýeterliligi – talap edilýän maglumaty bellenilen kadalara we elýeterlilik hukuklaryna laýyklykda öz wagtynda we dogry bermegiň awtomatlaşdyrylan ulgamynyň (mundan beýläk – AU) häsiýeti;

maglumatyň bütewiligi we hakykylygy – AU-nyň üýtgewsizligi saklamak ýa-da awtorlygy belleýän maglumatyň we nyşanlaryň rugsat berilmedik üýtgemek hakykatyny (faktyny) ýüze çykarmak häsiýeti;

maglumatyň ýaşyrynlygy – rugsat berilmedik peýdalanyjylaryň maglumata bolan elýeterliliginiň aradan aýrylmagyny üpjün edýän AU-nyň häsiýeti;

bähbitleriň dawasy – bankyň, onuň gurluş düzüm birlikleriniň we (ýa-da) onuň işgärleriniň, müşderileriniň emläk we beýleki bähbitleriniň arasyndaky gapma-garşylyk, ol bank we (ýa-da) müşderiler üçin ýaramaz netijelere getirip biler;

bank töwekgelçiligi – bank tarapyndan ýitgiler çekmeginiň we (ýa-da) bankyň işiniň içerki we (ýa-da) daşarky faktorlary bilen baglanyşykly ýaramaz wakalaryň gelip ýetmegi netijesinde likwidligiň ýaramazlaşmagynyň bank işine mahsus bolan mümkinçiligi. Bank töwekgelçilikleriniň esasy görnüşleri şu Düzgünleriň goşundysyna laýyklykda kesgitlenildi;

bank töwekgelçiklerini dolandyrmak – bank töwekgelçilikleriniň kabul ederlikli derejesini, şeýle hem derejesine gözegçiligi we olaryň çäklendirilmegini ýüze çykarmak, anyklamak, ölçemek (baha kesmek), kesgitlemek prosesi.

## II. Bankda içerki gözegçilik ulgamyny gurnamak

3. Bank içerki gözegçiligi gurnamaga borçludyr, ol ygtybarlylygyň göwnejaý derejesini üpjün edýär, amala aşyrylýan bank amallarynyň häsiýetine we möçberlerine laýyk gelýär.

4. Içerki gözegçilik bankyň ygtyýarly dolandyryş edarasy, ýerine ýetiriji edaralar, onuň düzüm birlikleri we içerki audit gullugyny goşmak bilen ähli derejedäki işgärler we içerki gözegçiligiň amala aşyrylmagyna, bankyň bikanun häsiýete eýe bolan maliýe amallaryna çekilmegine

ýol berilmezligini üpjün edýän tejribe we amallar üçin jogapkär wezipeli adamlar tarapyndan amala aşyrylmalydyr.

5. Bankda içerki gözegçiligiň netijeli ulgamynyň bolmagy bankyň esaslandyryjylarynyň (gatnaşyjylaryň), kreditorlaryň we beýleki gyzyklanýan adamlaryň bähbitleriniň goragyny üpjün edýän korporatiw dolandyryşyň ygtybarly ulgamyny döretmegiň esasy bolup durýar. Ol Türkmenistanyň kanunçylygynyň we şol sanda bähbitleriň dawalaryny öňüni almagyň, bank tarapyndan geçirilýän amallaryň häsiýetine we möçberlerine hem-de bank işiniň töwekgelçilikleriniň minimumyna laýyk gelýän ygtybarlylygyň göwnejaý derejesini üpjün etmegiň meselelerini düzgünleşdirýän içerki resminamalarynyň bankyň işgärleri tarapyndan berjaý edilişine üznüksiz gözegçiligi amala aşyrmak arkaly üpjün edilýär.

6. Içerki gözegçiligi amala aşyrmak maksady bilen bank amallary we beýleki geleşikler amala aşyrylanda bankyň gurluş düzüm birlikleriniň arasyndaky özara hereketi düzgünleşdirmek, bank töwekgelçiliklerini dolandyrmak, ätiýaçlyklary döretmek boýunça bankyň, şol sanda onuň gurluş düzüm birliklerinde içerki gözegçilik ulgamynyň guralyşyny kadalaşdyrýan içerki resminamalaryny işläp taýýarlamalydyr we tassyklamalydyr.

7. Bankda içerki gözegçilik ulgamynyň maksady şu aşakdakylardyr:

bank amallary we beýleki geleşikler amala aşyrylanda bankyň maliýe we hojalyk işiniň peýdalylygy we netijeliligi, aktiwleriň saklanylmagynyň üpjün edilmegini goşup, bank töwekgelçiliklerini, aktiwlerini we passiwlerini dolandyrmagyň netijeliligi;

maliýe, hasapçylyk, statistik we beýleki hasabatlylyklaryň dogrulygy, dolulygy, obýektiwligi we öz wagtynda düzülmegi we berilmegi (daşarky we içerki peýdalanyjylar üçin), şeýle hem maglumat howpsuzlygy;

bank we onuň işgärleri tarapyndan Türkmenistanyň kanunçylygynyň, bankyň içerki resminamalarynyň berjaý edilmegi;

bikanun häsiýete eýe bolan, şol sanda jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmek boýunça maliýe amallaryna bankyň çekilmegini aradan aýyrmak, şeýle hem ygtyýarlandyrlan döwlet edarasyna maglumatlary Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda öz wagtynda bermek.

Jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmek boýunça içerki gözegçiligi amala aşyrmak boýunça talaplar Türkmenistanyň Merkezi bankynyň aýratyn kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda bellenilýär.

8. Içerki gözegçilik aşakdaky ugurlar boýunça amala aşyrylmalydyr:

dolandyryş gözegçiligi, ol Türkmenistanyň kanunçylygyna, bankyň tertipnamasyna laýyklykda hem-de bank tarapyndan kesgitlenen ygtyýarlyklara we çözgütleri kabul etmek amallaryna laýyklykda bank amallarynyň we beýleki geleşikleriň diňe ygtyýarly adamlar tarapyndan geçirmegini üpjün etmekden durýar;

maliýe gözegçiligi, ol Türkmenistanyň kanunçylygyna we bankyň içerki kadalaşdyryjy namalaryna laýyklykda amallaryň buhgalter hasaba alşynda ygtybarlyly, dogry şöhlelenmeginden, hasabatlylykda olaryň kybapdaş şöhlelenişini üpjün etmekden durýar.

9. Dolandyryş we maliýe gözegçiligi deslapky, gündelik, soňraky gözegçilige bölünýär.

10. Deslapky gözegçilik bank amallarynyň, beýleki geleşikleriň hakyky amala aşyrylmagyna çenli amala aşyrylýar we peýdalanylýar:

işgärleri seçip almak babatda – belli bir işi (wezipe borçlaryny) ýerine ýetirmek we dalaşgärleriň hataryndan has taýýarlykly we hünärli hünärmenleri seçip almak üçin gerek bolan işewür we professional bilimleri hem-de endikleri düýpli seljermek arkaly;

pul serişdelerini çekmek we ýerleşdirmek babatda – mümkin bolan ýitgilerden gaça durmak ýa-da minimuma çenli azaltmak maksady bilen olary ýerine ýetirmek üçin amatly serişdeleri we usullary kesgitlemek arkaly bank tarapyndan geçirilýän amallaryň netijeliligini we töwekgelçiligi deslapky seljermek arkaly;

maddy serişdeler babatda – bankyň maliýe mümkinçiliklerinden ugur alyp we bankyň içerki resminamalaryna laýyklykda banky zerur tehnikii serişdeler, enjamlar, döwrebap kompýuter ulgamlary we tehnologiýalary bilen üpjüp etmek arkaly;

11. Bank amallaryny we beýleki geleşikleri amala aşyrmak boýunça çözgütleri kabul etmegiň bellenilen amallaryny berjaý etmek bilen amala aşyrylýan bank amallaryna we beýleki geleşiklere gündelik gözegçilik, bellenilen resminama dolanyşygy işgär tarapyndan öz üstüne ýüklenen borçlary ýerine ýetirmegiň barşynda bankyň amal gününiň dowamynda amala aşyrylýar. Gündelik gözegçilik Türkmenistanyň kanunçylygynyň, bankyň içerki resminama-

larynyň talaplaryndan gyşarmalaryň faktlarynyň öňüni almak, hasapçylyk hasaba alşynda bank amallarynyň öz wagtynda we dogry şöhlelendirmek, serişdeleriň maksatly peýdalanylmagyny we bankyň emläginiň saklanylmagyny üpjün etmek üçin geçirilýär.

Gündelik gözegçiligi amala aşyrmagyň tertibi çözülýän wezipeleriň aýratynlygyna laýyklykda bankyň içerki resminamalarynda bank tarapyndan özbaşdak bellenilýär.

12. Soňraky gözegçilik bank amallary we beýleki geleşikler amala aşyrylandan soň amala aşyrylýar. Soňraky gözegçiligiň barşynda amallaryň amala aşyrylyşynyň esaslylygy we dogrulygy, resminamalaryň bellenilen görnüşlere we olary resmileşdirmek boýunça talaplara laýyk gelşi, işgärler tarapyndan ýerine ýetirilýän borçlaryň olaryň wezipe gollanmalaryna laýyk gelşi barlanylýar, işgärleriň arasynda borçlaryň paýlanylyşy seljerilýär, düzgün bozmalaryň we kemçilikleriň sebäp-derňew aragatnaşyklary ýüze çykarylýar we olary düzetmek boýunça çäreler kesgitlenilýär, meýilleşdirilýän we çaklanylýan görkezijiler düzedilýär.

13. Bankyň içerki gözegçilik ulgamy şu aşakdaky ugurlar boýunça gurnalmalydyr:

bank töwekgelçiliklerini dolandyrmak ulgamynyň işleýişine gözegçilik etmek;

bank amallary we geleşikler amala aşyrylanda amala aşyrylýan ygtyýarlyklaryň paýlanylyşyna gözegçilik etmek;

maglumat akymlarynyň dolandyrylyşyna (maglumaty almak we bermek) we maglumat howpsuzlygynyň üpjün edilişine gözegçilik etmek;

içerki gözegçilik ulgamynyň monitoringi.

14. Bank töwekgelçiliklerini dolandyryş ulgamynyň işleýişine bankyň içerki resminamalary bilen bellenilen tertipde hemişelik esasda gözegçilik edilýär.

Bank töwekgelçiligine baha bermek bankyň işine täsir edýän içerki we daşarky faktorlaryň ýüze çykarylmagyny we seljerilmegini göz öňünde tutýar.

Bank içerki resminamalarynda bank töwekgelçilikleriniň derejesiniň üýtgemegine täsir edýän töwekgelçilikleriň derejesi we faktorlary hakynda bankyň we degişli gurluş düzüm birlikleriniň ýolbaşçylarynyň ýerine ýetiriji edarasyna habar bermegiň tertibini göz öňünde tutmalydyr.

Bank töwekgelçiliklerine baha bermek jebisleşen esasda geçirilýär.

15. Bank amallary we beýleki geleşikler amala aşyrylanda ygtyýarlyklaryň paýlanylyşyna bankyň içerki resminamalarynyň esasynda gözegçilik edilýär, ol bank amallary we beýleki geleşikler amala aşyrylanda gurluş düzüm birlikleriniň funksional ygtyýarlyklaryny we işgärleriň ygtyýarlyklaryny kesgitleýär, olar gözegçiligiň şu aşakdaky görnüşlerini (usullaryny) öz içine almalydyr:

gözegçiligiň kemçiliklerini, düzgün bozmalary, ýalňyşlyklary ýüze çykarmak maksady bilen gurluş düzüm birlikleriniň işiniň netijeleri hakyndaky hasabatlary we maglumatlary, degişli düzüm birlikleriniň ýolbaşçylarynyň düşündirmelerini soramak arkaly bankyň ygtyýarly dolandyryş edarasy we ýerine ýetiriji edara tarapyndan amala aşyrylýan barlag;

maddy gymmatlyklara elýeterliligiň çäklendirmeleriniň barlaglary, maddy gymmatlyklary gaýtadan hasaplamak (nagt pullary, pugta hasabatlylykdaky blanklary we ş.m.), maddy gymmatlyklaryň saklanylmagy we peýdalanylmagy üçin jogapkärçiligi paýlamak, maddy gymmatlyklary saklamak üçin jaýyň goragyny üpjün etmek arkaly amala aşyrylýan maddy (fiziki) gözegçilik;

degişli hasabatlary almak we ilkinji resminamalaryň maglumatlary bilen deňeşdirip barlamak arkaly bank amallaryny we beýleki geleşikleri amala aşyrmak üçin bank limitleriniň berjaý edilişini barlamak;

bank amallaryny we beýleki geleşikleri geçirmek hakynda çözgütleri kabul etmegiň we bellenilen limitlerden ýokary geçýän bank amallary we beýleki geleşikler amala aşyrylanda ygtyýarlyklary paýlamagyň amallarynyň berjaý edilişine gözegçilik etmek;

amallaryň we geleşikleriň hasaba alşynda we hasabatlylygynda göwnejaý däl şöhlelenilişi hakynda bankyň (onuň gurluş düzüm birlikleriniň) degişli ýolbaşçylaryna öz wagtynda habar bermek;

bank amallaryny we beýleki geleşikleri amala aşyrmagyň tertibiniň (amallarynyň) berjaý edilişini barlamak, hasabatlary deňeşdirmek, ýüze çykarylan düzgün bozmalar, ýalňyşlyklar we kemçilikler hakynda bankyň (onuň gurluş düzüm birlikleriniň) degişli ýolbaşçylaryna habar bermek.

Bank bähbitleriň dawasyny we onuň ýüze çykmagynyň şertlerini, jenaýatlary amala aşyrmagyň we bank amallary hem-de beýleki geleşikler amala aşyrylanda hukuga garşy beýleki hereketleriň amala aşyrylmak mümkinçiligini aradan aýyrar ýaly ýagdaýda işgärleriň wezipe borçlarynyň paýlanylmagyny üpjün etmelidir.

Bankyň içerki resminamalary bankyň kanuna garşy maliýe amallaryna çekilmek mümkinçiligini aradan aýyrmak üçin bähbitleriň potensial dawasynyň ýagdaýlaryny ýüze çykmarmagyň we gözegçilik etmegiň tertibini belleýär.

16. Maglumat akymlarynyň (maglumaty almak we bermek) dolandyrylyşyna gözegçilik etmek we maglumat howpsuzlygyny üpjün etmek bankyň işi hakyndaky maglumatyň esasynda amala aşyrylýar. Maglumat öz wagtynda, ygtybarly, elýeter we dogry resmileşdirilen bolmalydyr. Maglumat bankyň işi we onuň netijeleri hakyndaky maglumatlardan, kadalaşdyryjy hukuk namalaryň, bankyň esaslandyryjy resminamalarynyň hem-de içerki resminamalaryň bellenilen talaplaryny berjaý etmek hakyndaky maglumatlardan, şeýle hem çözgütleriň kabul edilmegine gatnaşygy bolan wakalar we şertler hakyndaky maglumatlardan durýar. Maglumat bermegiň görnüşi anyk alyjynyň (bankyň ygtyýarly dolandyryş edarasy, bankyň ýerine ýetiriji edaralary, gurluş düzüm birlikleri, işgärler) talaplaryny hasaba almak bilen kesgitlenilmelidir.

Maglumat akymlarynyň dolandyrylyşyna we maglumat howpsuzlygynyň üpjün edilişine gözegçilik etmegiň tertibi şu Düzgüniň talaplaryny hasaba almak bilen bankyň içerki resminamalary bilen bellenilmelidir we bankyň işiniň ähli ugurlaryna degişli bolmalydyr.

Maglumat akymlaryna (maglumaty almak we bermek) dolandyrylyşyna we maglumat howpsuzlygynyň üpjün edilişine gözegçilik amala aşyrylanda umumy gözegçilikden we programma gözegçiliginden durýan awtomatlaşdyrylan maglumat ulgamlaryna we tehniki serişdelere gözegçilik amala aşyrylýar:

awtomatlaşdyrylan maglumat ulgamlaryna umumy gözegçilik bökdençsiz we üznüksiz işi üpjün etmek maksady bilen geçirilýän kompýuter ulgamlarynyň gözegçiligini göz öňünde tutýar. Umumy gözegçilik bank tarapyndan amala aşyrylýan awtomatlaşdyrylan maglumatlary ätiýaçdan saklamakdan (nusgasyny almakdan) we maglumat ulgamlarynyň maglumatlaryny we funksiýalaryny dikeltmekden, programma üpjünçiligini edinmegiň, işläp taýýarlamagyň we hyzmat etmegiň (utgaşdyrmagyň) kadalarynyň kesgitlenmegini, fiziki elýeterliligiň howpsuzlygyna gözegçiligi amala aşyrmagyň tertibini goşup, awtomatlaşdyrylan maglumat ulgamlarynyň durmuş sikliniň dowamynda goldamagy amala aşyrmakdan durýar;

programma gözegçiligi amaly programmalarda oturdylan awtomatlaşdyrylan amallar bilen, şeýle hem bank amallarynyň we beýleki geleşikleriň işlenip taýýarlanylmagyna gözegçilik edýän, el bilen ýerine ýetirilýän amallar bilen amala aşyrylýar (gözegçilik redaktirlenmesi, logiki elýeterlilige gözegçilik, maglumatlary ätiýaçlandyrmagyň we dikeltmegiň içerki amallary we ş.m.).

Bankyň içerki resminamalarynda kesgitlenilmelidir:

rugsat berilmedik elýeterlilikden, şeýle hem ýaşyryn maglumaty şahsy maksatlara peýdalanmakdan goramagyň tertibini goşup, maglumat işini dolandyrmagyň kadalary;

hyzmatlary daşarky getiriji tarapyndan goldanylýan bank işi üçin kritiki ulgamlaryň dikeldilmegini goşup, gaýtalaýjy (ätiýaçlyk) awtomatlaşdyrylan ulgamlary we (ýa-da) gurluşlary peýdalanmak bilen öňünden görüp bolmadyk ýagdaýlaryň halaty üçin hereketleriň meýilnamasy (lary);

görkezilen meýilnamany (lary) öňünden görüp bolmadyk ýagdaýlar ýüze çykan halatlarynda ony (lary) ýerine ýetirmek babatda olary barlamagyň tertibi.

17. Içerki gözegçilik ulgamynyň monitoringi bankyň işiniň möçberlerine we häsiýetine onuň laýyk geliş derejesine baha bermek, kemçilikleri ýüze çykarmak, teklipleri işläp taýýarlamak we bankyň gözegçilik ulgamyny kämilleşdirmek, bankyň içerki auditi tarapyndan içerki gözegçilik ulgamyna baha bermek boýunça çözgütleriň durmuşa geçirilişine gözegçiligi amala aşyrmak maksady bilen dolandyryşyň ähli derejelerinde içerki gözegçilik ulgamynyň işleýişine syn etmek tertibinde hemişelik esasda amala aşyrylmalydyr.

Bankyň içerki resminamalary bilen banka täsir edýän, üýtgeýän içerki we daşarky faktorlary hasaba almak bilen içerki gözegçiligi kämilleşdirmek boýunça zerur çäreleri görmek maksady bilen içerki gözegçilik ulgamynyň monitoringini amala aşyrmagyň tertibi (monitoringiň netijelerine garamagyň usulyýeti, kadalary, döwürleýinligi, tertibi) kesgitlenmelidir.

Içerki gözegçilik ulgamynyň monitoringi bankyň ygtyýarly dolandyryş edarasy, ýerine ýetiriji edaralar, içerki audit gullugy we aýrybaşgalanan gurluş düzüm birliklerini goşup, bankyň işgärleri tarapyndan amala aşyrylmalydyr.

Monitoringiň netijeleri umumylaşdyrylýar we ýerine ýetiriji edaranyň ýolbaşçysynyň dykgatyna ýetirilýär.

18. Bankyň ygtyýarly dolandyryş edarasynyň, ýerine ýetiriji edaralaryň arasynda ygtyýarlyklary paýlamak, bankyň gurluş we aýrybaşglanan düzüm birlikleriniň ählisiniň, bankyň işgnärleriniň hasabat berijiligi, şeýle hem bankyň işgärleriniň jogapkärçiligi olar tarapyndan ama-

la aşyrylýan bank amallarynyň häsiýetine we möçberlerine laýyk gelmelidir we bankyň tertipnamasynda, içerki resminamalarynda we (ýa-da) işgärleriň wezipe gollanmalarynda öz beýanyny tapmalydyr.

19. Içerki gözegçiligiň göwnejaý ulgamyny guramak maksady bilen bankyň ygtyýarly dolandyryş edarasyna şulary amala aşyrmaklyk zerurdyr:

bankyň işiniň guralyşyna gözegçilik etmek;

içerki gözegçilik ulgamynyň guralyş strategiýasyna we netijeli işine garamak we tassyklamak;

içerki gözegçilik ulgamynyň guralyşy we işleýşi üçin ygtyýarlyklary we ýolbaşçylygyň jogapkärçiligini paýlamak we tassyklamak;

içerki gözegçilik ulgamynyň netijeliligine yzygiderli garamak we bankyň ýerine ýetiriji edaralary bilen içerki gözegçiligiň guralyşynyň meselelerini we onuň netijeliligini ýokarlandyrmak boýunça çäreleri ara alyp maslahatlaşmak;

bankyň ýerine ýetiriji edaralary, içerki audit gullugy we bikanun häsiýete eýe bolan maliýe amallaryna bankyň çekilmezligine ýol bermezliginiň üpjün edilmegine jogapkär bolan wezipeli adamlar tarapyndan taýýarlanan içerki gözegçilik ulgamyny guramak boýunça resminamalara garamak;

Türkmenistanyň kanunçylygynyň, bankyň esaslandyryjy resminamalarynyň we beýleki içerki resminamalarynyň ähli bozulmalary hakyndaky maglumaty bankyň işgärleri tarapyndan bankyň ygtyrýaly dolandyryş edarasynyň, bankyň ýerine ýetiriji edaralarynyň, bankyň gurluş düzüm birlikleriniň (şahamçasynyň) ýolbaşçylarynyň dykgatyna ýetirmegiň tertibini bankyň içerki resminamalarynda bellemek;

içerki auditiň, daşarky auditiň we döwlet edaralarynyň maslahatlarynyň we bellikleriniň bankyň ýerine ýetiriji edaralary tarapyndan derhal ýerine ýetirilmegini üpjün edýän çäreleri görmek.

Eger bankyň ygtyýarly dolandyryş edarasy döredilmedik mahalynda, ýokarda görkezilen wezipeleri bankyň ýerine ýetiriji edarasynyň üstüne ýüklenilýär.

20. Içerki gözegçilik ulgamyny göwnejaý guramak maksady bilen bankyň ýerine ýetiriji edaralaryna şu aşakdakylary amala aşyrýar:

içerki gözegçiligiň netijeli ulgamyny döretmek we işlemegini üpjün etmek;

öňde goýulan maksatlara ýetmäge täsir edýän töwekgelçiliklere gözegçilik etmek we bank töwekgelçilikleriniň netijeli baha berilmegini üpjün etmek maksady bilen üýtgeýän ýagdaýlara we şertlere jogap berilmegini üpjün edýän çäreleri kabul etmek;

bank tarapyndan kabul edilýän töwekgelçiligiň derejesine täsir edýän faktorlaryň üýtgeýişine gözegçilik etmek;

banky dolandyrýan ygtyrýaly edaranyň kararlarynyň ýerine ýetirilişine, içerki gözegçiligi guramak we amala aşyrmak babatda bankyň strategiýasynyň we syýasatynyň durmuşa geçirilişine gözegçilik etmek;

içerki gözegçilik çygrynda kadalaryň we amallaryň işlenip taýýarlanylmagy üçin ygtyýarlyklary we olaryň ýerine ýetirilişine gözegçiligi degişli gurluş düzüm birlikleriniň ýolbaşçylaryna bermek;

içerki gözegçiligi amala aşyrmagyň tertibini we görkezilen resminamalaryň mazmunynyň bankyň işiniň häsiýetine we möçberlerine laýyk gelşine baha bermegi kesgitleýän içerki resminamalaryna bankyň işiniň laýyk gelşini bellemek;

içerki gözegçiligiň anyk ugurlary (amala aşyrmagyň görnüşleri, usullary) üçin jogap berýän bankyň düzüm birlikleri bilen işgärleriniň arasynda borçlary paýlamak;

içerki auditiň gurluş düzüm birlikleri we bankyň işgärleri bilen özara hereketi boýunça içerki resminamalaryny işläp taýýarlamak we tassyklamak hem-de olaryň berjaý edilişine gözegçilik etmek;

içerki gözegçilik ulgamynyň netijeliligine yzygiderli baha bermeleriň materiallaryna we netijelerine garamak;

zerur maglumatlaryň oňa gyzyklanýan peýdalanyjylara gelip gowuşmagyny üpjün edýän maglumaty bermegiň we alyşmagyň netijeli ulgamlaryny döretmek. Maglumaty bermegiň we alyşmagyň ulgamlary bankyň işiniň amal syýasatyny we amallaryny kesgitleýän ähli resminamalary öz içine alýar;

Türkmenistanyň kanunçylygyna we içerki gözegçiligiň maksatlaryna ters gelýän hereketleriň amala aşyrylmagyny höweslendirip biljek bankyň içerki resminamalarynyň tassyklanmagyna we (ýa-da) syýasatyň amala aşyrylmagyna ýol bermezlik;

içerki gözegçiligiň ýüze çykarylan düzgün bozmalarynyň we kemçilikleriniň düzedilişine

gözegçilik ulgamyny döretmek.

21. Bankyň işgärleri öz wezipe borçlaryny ýerine ýetirenlerinde:

geçirilýän amallaryň dogrulygyna we kanunylygyna, ýüze çykýan töwekgelçilikleriň derejesine we olara täsir edýän faktorlara gözegçilik etmeli, şeýle hem bähbitleriň dawasynyň ýüze çykmagynyň öňüni almaga;

hasaba alyşda, hasabatlylykda we maliýe hem-de dolandyryjylyk maglumatynyň beýleki görnüşlerinde amallaryň we töwekgelçilikleriň şöhlelenilişiniň dogrulygyny üpjün etmege;

bank üçin amatsyz netijelere getirip biljek ýüze çykýan töwekgelçilikler, düzgün bozmalar we ýalňyşlyklar hakynda düzüm birlikleriniň ýolbaşçylaryna we beýleki jogapkär adamlaryna öz wagtynda we doly habar bermäge;

töwekgelçilikleri minimuma çenli azaltmak, bankyň işiniň we onuň içerki gözegçilik ulgamynyň netijeliligini ýokarlandyrmak boýunça teklipleri ibermäge borçly.

## III. Bankda içerki gullugyň işini gurnamak

22. Bankyň maliýe we hojalyk işiniň hemişelik içerki gözegçiligi üçin onuň esaslandyryjy resminamalaryna laýyklykda içerki auditiň, derňewiň, gözegçiligiň (mundan beýläk – içerki audit gullugy) wezipelerini amala aşyrýan gurluş düzüm birlikleri döredilýär, olaryň iş tertibi degişli içerki kadalaşdyryjy hukuk namasy bilen bellenilýär.

23. Içerki audit gullugy bankyň işiniň kanunylygyny we netijeliligini üpjün etmek, bank töwekgelçiliklerini minimuma çenli azaltmak maksady bilen döredilýär.

Içerki audit gullugy bankyň içerki gözegçilik ulgamynyň işlemeginiň netijeliligine monitoringi, barlagy, baha bermegi amala aşyrýar.

24. Iiçerki audit gullugynyň işi bankyň içerki resminamasy bilen düzgünleşdirilýär, ol şu aşakdakylary kesgitlemelidir:

içerki audit gullugyna işiniň maksatlaryny we çygryny;

içerki audit gullugynyň işiniň ýörelgelerini (standartlaryny) we usullaryny;

bankyň guramaçylyk gurluşynda içerki audit gullugynyň hukuk derejesini, onuň wezipelerini, ygtyýarlyklaryny, hukuklaryny we borçlaryny, şeýle hem bankyň beýleki gurluş düzüm birlikleri bilen özara gatnaşyklaryny;

içerki audit gullugynyň ýolbaşçysynyň tabynlygyny we hasabat berijiligini;

barlag geçirilen bankyň ýolbaşçysyna we bankyň gurluş düzüm birliginiň ýolbaşçysyna barlaglar geçirilen mahalynda ýüze çykarylan düzgün bozmalar (kemçilikler) hakynda habar bermekde içerki audit gullugynyň ýolbaşçysynyň borjuny;

içerki audit gullugynyň öz wezipelerini amala aşyrmagyna päsgel berýän halatlar hakynda bankyň ýolbaşçysyna habar bermekde içerki audit gullugynyň ýolbaşçysynyň borjuny;

bankyň içerki resminamalaryny işläp taýýarlamaga içerki audit gullugynyň gatnaşmak tertibini;

barlaglaryň barşynda ýüze çykýan meseleler boýunça bankyň ýerine ýetiriji edarasynyň ýolbaşçysyna habar bermezlik ýa-da öz wagtynda habar bermezligi üçin içerki audit gullugynyň ýolbaşçysynyň jogapkärçiligini.

25. Şu aşakdakylar bankda içerki audit gullugynyň işiniň esasy ýörelgeleridir:

bankyň beýleki gurluş düzüm birlikleriniň işinden içerki audit gullugynyň garaşsyzlygy;

bankyň işinde ýüze çykarylan kemçilikleri we düzgün bozmalary düzetmäge gönükdirilen materiallary beýan etmekde, kararlary kabul etmekde we talaplary ýerine ýetirmekde obýektiwlilik;

içerki audit gullugy tarapyndan bankyň işiniň ähli ugurlaryny gurşap almagynyň yzygiderliligi, toplumlaýynlygy;

içerki audit gullugynyň işgärleriniň professionalizmi we ygtyýarlylygy;

ýaşyrynlyk;

içerki audit gullugynyň işlemeginiň netijeliligi.

26. Içerki audit gullugy:

bankyň maliýe ýagdaýyna we öz üstüne alýan töwekgelçilikleriniň derejesine baha berýär;

içerki gözegçilik proseslerini we amallaryny barlaýar hem-de içerki gözegçilik ulgamynyň netijeliligine baha berýär;

bankyň gurluş düzüm birlikleriniň we (ýa-da) beýleki banklaryň işiniň deňeşdirme häsiýetnamasyny geçirýär;

bank töwekgelçiliklerine we bank töwekgelçiliklerini dolandyrmak amallaryna baha bermegiň metodologiýasyny ulanmagyň dolulygyny we netijeliligini barlaýar (bank amallaryny

we geleşiklerini amala aşyrmagyň usulyýetleri, programmalary, kadalary, tertipleri we amallary);

bankyň has töwekgelçilikli amallaryny kesgitleýär;

bank amallaryny we işiň beýleki görnüşlerini amala aşyrmagyň netijeliligini seljerýär;

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda döwlet häkimiýet edaralaryna we Türkmenistanyň Merkezi bankyna hasabatlylygy we beýleki maglumatlary bermegiň dogrulygyny, dolulygyny, obýektiwligini we öz wagtyndalygyny barlaýar;

geçirilýän amallaryň hasapçylyk hasaba alşynda şöhlelenilişiniň ygtybarlylygy we dogrulygy hakynda olaryň ykdysady mazmunyndan ugur alyp bankyň dolandyryş edaralaryna habar berýär;

rugsat berilmedik elýeterlilikden we (ýa-da) peýdalanmakdan olaryň goragyny we maglumatlar binýatlarynyň bütweiligine gözegçiligi, öňünden görüp bolmadyk ýagdaýlaryň halaty üçin hereketleriň meýilnamalarynyň bolmagyny goşup, maglumat howpsuzlygynyň üpjün edilişine we maglumat akymlarynyň dolandyrylyşyna (maglumatyň alnyşyna we berlişine) içerki gözegçilik ulgamynyň işleýişiniň netijeliligini barlaýar;

bankyň içerki resminamalarynda göz öňünde tutulan beýleki meseleleri barlaýar.

27. Içerki audit gullugy meňzeş amala aşyrylýan amallara we bar bolan töwekgelçiliklere içerki gözegçilik ulgamynyň işleýişine göz ýetirmäge we içerki gözegçilik ulgamynyň netijeliligini ýokarlandyrmak boýunça öz tekliplerini bermäge, şeýle hem içerki gözegçiligi guramakda ýüze çykarylan düzgün bozmalary düzetmek boýunça görülen çäreleriň netijeliligini we ony kämilleşdirmek boýunça talaplaryň ýerine ýetirlişini barlamaga borçludyr.

## Türkmenistanyň banklarynda içerki gözegçiligi gurnamak barada Düzgünnama Goşundy

### BANK TÖWEKGELÇILIKLERINIŇ ESASY GÖRNÜŞLERI

1. Karz töwekgelçiligi – şertnamanyň şertlerine ýa-da kanunçylyga laýyklykda bankyň öňünde bergidar tarapyndan maliýe borçnamalaryny ýerine ýetirmezligiň, öz wagtynda ýa-da doly ýerine ýetirmezligiň netijesinde bankda ýitgileriň (zyýanlaryň) ýüze çykmak töwekgelçiligi.

Görkezilen maliýe borçnamalaryna bergidaryň şu aşakdakylar boýunça borçnamalary degişlidir:

karz şertnamasynyň, bank goýumy şertnamasynyň (depozitiniň), pul serişdelerini çekmek hakynda beýleki şertnamalaryň esasynda çekilen pul serişdelerini gaýtarmak;

alnan we berlen bank kepillikleri, akkreditiwler;

peýdalanylmadyk limitler babatda karz şertnamalarynyň esasynda bank tarapyndan açylan karz ugurlary;

maliýe kärendesiniň (lizinginiň) şertnamalary boýunça lizing tölegleriniň öwezini dolmak;

bergidaryň bankyň öňündäki beýleki pul borçnamalary, olar şertnama ýa-da Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda bergidar tarapyndan ýerine ýetirilmelidir.

Karz töwekgelçiliginiň konsentrasiýasy aýratyn müşderä ýa-da özara baglanyşykly müşderiler toparyna, şeýle hem bankyň bergidarlarynyň ykdysadyýetiň aýratyn pudaklaryna ýa-da geografik sebitlere degişliliginiň netijesinde ýa-da olary şol bir ykdysady faktorlara baglanyşykly edýän beýleki häsiýetnamalar bilen ýagdaýlaryň birnäçesi bolan mahalynda karzlary ýa-da beýleki aktiwleri bermekde ýüze çykýar.

Karz töwekgelçiligi bank bilen baglanyşykly adamlar tarapyndan amallar amala aşyrylanda, ýagny karzlary, beýleki aktiwleri bermek hakynda we aktiwleri bermegiň şertleri hakynda bank tarapyndan kabul edilýän kararlaryň häsiýetine täsir edip biljek hakyky mümkinçiliklere eýe bolýan aýry-aýry şahsy ýa-da edara görnüşindäki taraplaryň, şeýle hem kararyň kabul edilmegine banka täsir edip biljek adamlaryň bank bilen baglanyşykly amallary amala aşyrylanda artýar.

Bank bilen şahsy ýa-da edara görnüşindäki tarapyň baglanyşyklylygynyň bolmagy netijesinde karzlary we beýleki aktiwleri almak üçin arzalara garamagyň, bergidaryň tölege ukyplylygyny kesgitlemegiň we aktiwleri bermek hakynda kararlary kabul etmegiň kadalarynyň we amallarynyň berjaý edilmezligi ýa-da ýeterlik derejede doly berjaý edilmezligi bolup biler, ol karz töwekgelçiligini güýçlendirip biler.

2. Ýurt töwekgelçiligi we serişdeleri geçirmezlik töwekgelçiligi – ykdysady, syýasy, sosial üýtgemeler zerarly daşary ýurtly kontragentler (edara görnüşindäki, şahsy taraplar) tarapyndan borçnamalary ýerine ýetirmezligiň netijesinde, şeýle hem pul borçnamasynyň walýutasy kanunçylygyň aýratynlyklary zerarly kontragente elýeter bolman bilmezligi netijesinde (kontragentiň özüniň maliýe ýagdaýyna garamazdan) bankda ýitgiler (zyýanlar) döremek töwekgelçiligi.

3. Bazar töwekgelçiligi – söwda portfeline degişli balans we balansdan daşary pozisiýalaryň, şeýle hem daşary ýurt walýutasynda kadalaşdyrylmadyk pozisiýalaryň we daşary ýurt walýutalaryň, bazar göterim stawkalarynyň hümmetleriniň üýtgemeleri we beýleki faktorlar netijesinde dörän maliýe gurallaryna we harytlara bolan bazar bahalarynyň üýtgemeleri netijesinde bankda ýitgileriň (zyýanlaryň) ýüze çykmak töwekgelçiligi.

Bazar töwekgelçiligi göterim, gazna, walýuta we haryt töwekgelçiliklerini öz içine alýar:

göterim töwekgelçiligi – çekilen serişdeler boýunça banklar tarapyndan tölenilýän göterim stawkalarynyň berlen karzlar boýunça stawkalardan ýokary geçmeginiň netijesinde bankda ýitgileriň (zyýanlaryň) ýüze çykmak ähtimallygy;

gazna töwekgelçiligi – bankyň söwda portfeliniň gazna gymmatlyklarynyň bahasynyň üýtgemeginden bankda ýitgileriň (zyýanlaryň) ýüze çykmak ähtimallygy;

walýuta töwekgelçiligi – daşary ýurt walýutalarynyň hümmetleriniň üýtgemegi netijesinde daşary ýurt walýutasyna nominirlenen bankyň balans we balansdan daşary pozisiýalarynyň gymmatynyň üýtgemeginden bankda ýitgileriň (zelelleriň) ýüze çykmak ähtimallygy;

haryt töwekgelçiligi – harytlaryň bahasynyň üýtgemeginden bankda ýitgileriň (zelelleriň) ýüze çykmak ähtimallygy.

4. Likwidlik töwekgelçiligi – öz borçnamalarynyň doly möçberde öz wagtynda ýerine ýetirilmegini üpjün etmäge ukypsyzlyk netijesinde bankda ýitgileriň (zelelleriň) ýüze çykmak töwekgelçiligi. Likwidlik töwekgelçiligi bankyň maliýe aktiwleriniň we maliýe borçnamalarynyň

balanslaşdyrylmazlygy (şol sanda bankyň bir ýa-da birnäçe kontragentleri tarapyndan maliýe borçnamalarynyň öz wagtynda ýerine ýetirilmezligi netijesinde) we (ýa-da) bank tarapyndan öz maliýe borçnamalaryny şobada we birwagtda ýerine ýetirmegiň öňünden görüp bolmadyk zerurlygynyň ýüze çykmagy netijesinde döreýär.

5. Amal töwekgelçiligi – bank amallaryny we beýleki geleşikleri amala aşyrmagyň bank tarapyndan bellenen tertipleriniň we amallarynyň kanunçylyga laýyk gelmezligi ýa-da bankyň işgärleri tarapyndan olaryň bozulmagy, bankyň işgärleriniň ygtyýarly bolmazlygy ýa-da ýalňyşlyklary, bank tarapyndan ulanylýan ulgamlaryň, şol sanda maglumat ulgamlarynyň laýyk gelmezligi ýa-da boýun gaçyrylmagy netijesinde, şeýle hem daşarky faktorlaryň täsiri netijesinde bankda ýitgileriň (zelelleriň) ýüze çykmak töwekgelçiligi.

6. Amal töwekgelçiliginiň derejesine şu aşakdakylar degişlidir:

tehnologik we tehniki töwekgelçilik – kwapdaş bolmadyk, ygtybarsyz ýa-da ýaramaz ýola goýulan tehnologiýany peýdalanmak bilen ýa-da maglumat ulgamlarynyň kwapdaş bolmadyk işi, kwapdaş bolmadyk enjam we amala aşyrylýan işiň häsiýetine we möçberlerine programma üpjünçiligini, telekommunikasiýa enjamlarynyň işini peýdalanmak, banka elektrik energiýasyny, telekommunikasiýa hyzmatlaryny bermek bilen baglanyşykly;

tehnologik we tehniki töwekgelçiligine tehniki serişdeleriniň ýa-da programma üpjünçiliginiň we maglumat tehnologiýalarynyň ýa-da ulgamlarynyň näsazlyk töwekgelçiligini degişli etmek bolar. Bu töwekgelçilikler düýpli ýalňyşlyklaryň, maglumatlaryň ýitgisiniň (bank tarapyndan dublirleýji ulgam bolmazdan programma üpjünçiliginiň könelişen ýa-da ygtyýarnamasy bolmadyk programma üpjünçiligi peýdalanylanda), maglumatlaryň ýoýulmagynyň, amallaryň öz wagtynda ýerine ýetirilmezliginiň ýüze çykmak görnüşinde amala aşyrylyp bilner;

metodologik töwekgelçilik – ol ýa-da beýleki prosesi, tehniki syýasaty, hasaplamalaryň dessurlaryny we usullaryny amala aşyrmagyň metodologiýasy tarapyndan nädogry kabul etmek bilen baglanyşykly (matematiki formulalardaky, kompýuter programmalaryndaky ýalňyşlyklar);

derhal işiň töwekgelçiligi –täze bank hyzmatlaryny (önümlerini) göwnejaý taýýarlamazlyk, öz hasaplaryna elýeterlilik, ýalňyş maglumat bilen, müşderilere göwnejaý hyzmat etmezlik, ýalňyş bellenen içerki limitler, amal ýalňyşlyklary bilen müşderileriň meseleleriniň ýüze çykmagy bilen baglanyşykly we ş.m.;

hasaba alyş töwekgelçiligi –bankda kabul edilen hasaba alyş syýasatynda hasaba almakda geleşikleriň (amallaryň) şöhlelenişiniň laýyk gelmezligi bilen baglanyşykly we ş.m.;

amallar töwekgelçiligi – amalyň görnüşi ýa-da möçberi, göwnejaý resmileşdirilmedik resminama, esaslandyrylmadyk saldirlemek, amallaryň ýalňyş geçirilmegi bilen baglanyşykly we ş.m.;

bankyň işiniň geografik diwersifikasiýasy bilen baglanyşykly töwekgelçilik – bankyň işiniň bütin möçberinde müşderä ýa-da hyzmatlaryň görnüşine baglylyk hakynda maglumat umumylaşdyrylanda säwlikler bilen baglanyşykly; amallary işläp taýýarlaýan ýolbaşçylaryň we işgärleriň fiziki aýrybaşgalygy zerarly gözegçilik ulgamynda näsazlyklaryň peýda bolmagy;

bankyň wezipeli adamlarynyň we düzüm birlikleriniň jogapkärçiligi we ygtyýarlyklaryny paýlamak babatda bankyň nädogry guramaçylyk gurluşynyň töwekgelçiligi – wezipeleri gaýtalamaga ýa-da durmuşa geçirilýän dolandyryjylyk proseslerinde aýry-aýry wezipeleri (gündelik ýa-da deslapky gözegçilik wezipelerini), şeýle hem gurluşyň artykmaçlygyny, dolandyryşyň artykmaç zwenolarynyň bolmagyny, jogapkärçiligiň ýuwulmagyny aýyrmaga getirýän wezipeleri paýlamak ulgamynda mümkin bolan ýalňyşlyklar bilen baglanyşykly;

hukuk töwekgelçiligi – bir tarapdan iş amala aşyrylanda ýol berilýän hukuk ýalňyşlyklary bilen (nädogry hukuk maslahatlary ýa-da resminamalaryň nädogry düzülmegi, şol sanda kazyýet edaralarynda jedelli meselelere garalanda), beýleki tarapdan – hukuk ulgamynyň kämil bolmazlygy bilen baglanyşykly (kanunçylygyň çaprazlygy we durnukly bolmazlygy, netijeli kazyýet goragynyň bolmazlygy);

işgärleriň töwekgelçiligi – bankyň işiniň häsiýetine we möçberlerine işgärleriň kwapdaş bolmazlygyna ýa-da işgärleriň islenilmeýän geldi-geçerligine, bank bilen işgärleriň assosirlenmeginiň ýoklugyna getirýän işgärleri toplamagyň, okatmagyň, baha bermegiň we motiwasiýasynyň netijesiz mehanizmlerini ulanmak bilen baglanyşykly we şu aşakdakylarda ýüze çykyp biler:

amallary amala aşyrýan işgärleriň hünäriniň ýeterlik bolmazlygy;

bellenilen kadalary, amallary we dessurlary päk ýürekden ýerine ýetirmezlik işgärleriň etiki kwapdaş bolmazlygy;

işgärleriň agdyk işliligi;

anyk uçastokda hünärli işgärleriň ýeterlik bolmazlygy;

tötänleýin birgezeklik ýalňyşlyklarda.

dolandyryşyň we nädogry dolandyryş çözgütleriniň töwekgelçiligi – kwapdaş bolmadyk dolandyryjylyk maglumat, göwnejaý bolmadyk meýilleşdirmek, könelişen dolandyryş mehanizmleri, bankyň işiniň häsiýetine we möçberlerine guramaçylyk gurluşynyň laýyk gelmezligi bilen, şeýle hem töwekgelçilikleri kwapdaş bolmadyk dolandyrmaga getirýän içerki gözegçiligiň formal we netijeli bolmadyk amallary bilen baglanyşykly;

içerki kezzapçylyk töwekgelçiligi – hasapçylyk geçirmelerde kezzapçylyk, bankyň işgärleri tarapyndan ogurlyklar, ýaşyryn maglumaty betnebis maksatlary bilen peýdalanmak, bankyň adyndan we bankyň hasabyna bank amallary amala aşyrylanda hyýanatçylyklar bilen baglanyşykly we ş.m.;

daşarky kezzapçylyk töwekgelçiligi –ogurlyklar, talaňçylyklar, pullary ýuwmak, çekleri we plastik kartlaryny galplaşdyrmak, kompýuter kezzapçylygy bilen baglanyşykly we ş.m.;

emläk töwekgelçiligi we fors-mažor ýagdaýlarynyň töwekgelçiligi –bankyň emläginiň bahasynyň ýitirilmegi, terrorçylyk namalary, wandalizm (serişdeleriň fiziki taýdan ýok edilmegi) mümkin bolan ähli tebigy betbagtçylyklar bilen baglanyşykly we ş.m.;

beýleki daşarky töwekgelçilikler –müşderiler, kontragentler tarapyndan päk ýüreksiz hereketler (mysal üçin şertnamalaýyn borçnamalary ýerine ýetirmekden boýun gaçyrmak, bankyň işi hakyndaky ýaşyryn maglumaty hukuga laýyk peýdalanmazlyk, jenaýatçylykly girdejileriň kanunlaşdyrylmagy üçin banky peýdalanmak, beýleki hukuga garşy iş), müşderiler, kontragentler, paýdarlar we üçünji taraplar bilen beýleki ýaramaz özara gatnaşyklar (mysal üçin, şikaýatlar, kazyýet hak islegleri, metbugatdaky maglumat we ş.m.) bilen baglanyşykly we ş.m.

7. Strategik töwekgelçilik – bankyň işiniň strategiýasyny we ösüşini kesgitleýän (strategik dolandyryş) we bankyň işine wehüm salyp biljek mümkin bolan howplary hasaba almazlykda we ýeterlik bolmadyk hasaba almakda aňladylýan çözgütler kabul edilende, işiň perspektiwaly ugurlary nädogry ýa-da ýeterlik bolmadyk esaslandyrylyp kesgitlenende, olarda bank bäsdeşleriň öňünde artykmaçlyk gazanyp biler, zerur serişdeler (maliýe, maddy tehniki, adam) we guramaçylyk çäreleri doly bolmadyk möçberde üpjün edilende ýa-da bolmazlygynda (olar bankyň işiniň maksatlaryna ýetmegini üpjün etmelidir), ýol berlen ýalňyşlyklar (kemçilikler) netijesinde bankda ýitgileriň (zelelleriň) ýüze çykmak töwekgelçiligi.

8. Bankyň işewür abraýynyň ýitirilmek töwekgelçiligi – bankyň maliýe durnuklylygy, ol tarapyndan edilýän hyzmatlaryň hili we tutuş işiniň häsiýeti hakynda jemgyýetde ýaramaz düşünjäniň döremegi netijesinde müşderi binýadyny jemlemek netijesinde bankda ýitgileriň (zelelleriň) ýüze çykmak töwekgelçiligi. Bankyň işewür abraýynyň ýitirilmek töwekgelçiligi işi guramakdaky kemçilikler, elektron bank ulgamlarynyň işindäki näsazlyklar, kanunçylygyň, bankyň içerki resminamalarynyň berjaý edilmezligi, işewür hyzmatdaşlyk adatlaryndan yza çekilmegi, jemgyýetçilik ahlak kadalarynyň we bank işiniň etiki ýörelgeleriniň bozulmagy, bankyň we onuň işgärleriniň bikanun maliýe amallaryna, şeýle hem beýleki hukuga garşy işe gatnaşmakda şübhe zerarly ýüze çykyp biler.